**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

**2024-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna**
на 1 июня 2024 года

**Aşgabat 2024**

# Mazmuny / Содержание


## HABARLAR / НОВОСТИ

BANK IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄR DEREJELERINI ÝOKARLANDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI
3

SANLY BANK HYZMATLARY BABATDA TALYP ÝAŞLARYŇ SOWATLYLYGYNY ARTDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI
5

BANK ULGAMYNYŇ IŞGÄRLERINIŇ ARASYNDA «BARYMYZY ŞÄRIK EDÝÄR ÄGIRT ŞÖHRAT-ŞANYNA, PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY» ATLY ZEHIN BÄSLEŞIGINIŇ BIRINJI TAPGYRY GEÇIRILDI
6

## SELJERIŞ MAKALALARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ

MILLI YKDYSADYÝETIŇ BÄSDEŞLIGE UKYPLYLYGYNY ÝOKARLANDYRMAKDA MALIÝE BAZARYNYŇ ORNY
10

GYMMATLY KAGYZLAR BAZARYNY ÖSDÜRMEKDE BANKLARYŇ ORNY
13

MILLI YKDYSADYÝETIMIZ ÖSÜŞ ÝOLUNDA
15

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
17

TABLISALAR
ТАБЛИЦЫ
19

# BANK IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄR DEREJELERINI ÝOKARLANDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI

2024-nji ýylyň maý aýynyň dowamynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Turkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde we Awaza milli syýahatçylyk zolagynda ýerleşýän «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde ýurdumyzyň bank ulgamynyň hünärmenleri üçin hünäri ýokarlandyryş okuw maslahatlary geçirildi.

2024-nji ýylyň maý aýynyň 6-10-njy senelerinde ýurdumyzyň banklarynyň Işgärler bilen işlemek boýunça bölümleriň hünärmenleri, arhiw işgärleri üçin Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde geçirilen «Bank ulgamynda işgärler syýasaty» atly okuw maslahatynda Türkmenistanyň Zähmet kodeksine girizilen täzelikler, işgärler bilen zähmet şertnamasyny hem-de zähmet ylalaşygyny baglaşmagyň düzgünleri, işde işgär bilen ýüze çykýan meseleleriň hukuk taýdan çözülişi, estetika – özüňi alyp barmagyň medeniýeti, karz edaralary tarapyndan ýolbaşçy we jogapkärli wezipelere hödürlenen dalaşgärleri söhbetdeşlikden geçirmegiň düzgünleri we talaplary, işgärleriň şahsy jildini we zähmet depderçesini ýöretmegiň tertibi, ýurdumyzyň banklarynda işgärleriň eýeleýän wezipesine laýyklygyny kesgitlemek boýunça hünär synagynyň geçirilişi, ykdysady okuwlaryň gurnalyşy ýaly ugurlarda degişli maglumatlar bilen çykyşlar edildi.

2024-nji ýylyň maý aýynyň 6-10-njy senelerinde ýurdumyzyň banklarynyň auditor gulluklarynyň hünärmenleri, täjirçilik banklarynyň şahamçalarynyň dolandyryjylary, dolandyryjylarynyň orunbasarlary, baş buhgalterleri we bölüm müdirleri üçin «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde geçirilen «Bank auditi» atly okuw maslahatynda auditorlyk işi, banklarda içerki gözegçilik we auditiň guralyşy, karz edaralarynda bank gözegçiligi barlagynyň guralyşy, buhgalter amallaryna soňraky gözegçilik, banklarda  içerki gözegçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak ýaly ugurlarda bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar.

2024-nji ýylyň maý aýynyň 27-31-nji senelerinde ýurdumyzyň banklarynyň Işgärler bilen işlemek boýunça bölümleriň hünärmenleri, arhiw işgärleri üçin «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde geçirilen «Bank ulgamynda işgärler syýasaty» atly okuw maslahatynda ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ýolbaşçy we jogapkärli wezipelere bellemek üçin hödürlenýän dalaşgärleri söhbetdeşlikden geçirmegiň düzgünleri, ýolbaşçy we işgäriň arasyndaky iş-



jeň gatnaşyklar, banklarda iş önümçiliginiň ýöredilişi, buýruklar we olaryň resmileşdirilişi, wezipe sanawyny düzmegiň tertibi, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň «Karz taryhy» maglumatlar binýady boýunça karz bukjalaryny seljermek, ýurdumyzyň banklarynda işgärleriň eýeleýän wezipesine laýyklygyny kesgitlemek boýunça hünär synagynyň geçirilişi, ykdysady okuwlaryň gurnalyşy ýaly ugurlarda çykyşlar diňlenildi we gyzyklandyrýan soraglar boýunça bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar.

Ýurdumyzyň bank ulgamynyň işini kämilleşdirmek boýunça kabul edilen kadalaşdyryjy hukuknamalar, müşderilere hyzmat etmegiň döwrebap usullary, bank işgäriniň hünärini kämilleşdirmek boýunça daşary ýurt tejribelerini paýlaşmak geçirilen okuw maslahatlarynyň esasyny düzdi.

Meýilnama laýyklykda geçirilen okuw maslahatlaryna bank ulgamynyň 100-e golaý işgäri gatnaşdy.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# SANLY BANK HYZMATLARY BABATDA TALYP ÝAŞLARYŇ SOWATLYLYGYNY ARTDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI

2024-nji ýylyň maý aýynyň dowamynda ýurdumyzyň bank ulgamynyň hünärmenleri tarapyndan sanly ulgamda ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň görnüşleri, aýratynlyklary, geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň mümkinçilikleri maglumat howpsuzlygy, kiberhowpsuzlygy barada Daşoguz welaýat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebinde hem-de Gurbansoltan eje adyndaky Daşoguz lukmançylyk orta hünär okuw mekdebinde bilim alýan talyplaryň sowatlylygyny artdyrmak boýunça okuw maslahatlary geçirildi.

Geçirilen okuw maslahatlarynda talyp ýaşlara ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ýerine ýetirilýän dürli görnüşli bank kartlary («Altyn asyr», «Maşgala», «Milli kart», «Owerdraft», «Goýum bank karty»), töleg terminallary, bankomatlar, sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Halkbank terminal», «NFC» hem-de «QR-kod» tehnologiýalaryny ulanmak arkaly «Galtaşyksyz töleg», «Rysgal Pay» we «Talyp tölegi», «Sanly kart», «Senagat töleg» we beýleki birnäçe ornaşdyrylan sanly programma üpjünçilikleri barada giňişleýin gürrüň berildi.

Mundan başga-da onlaýn görnüşde karzlary resmileşdirmek, bank hasaplary barada maglumatlary elektron görnüşinde almak, elektron tabşyrygyny taýýarlap, internet arkaly töleg geçirimlerini amala aşyrmak, onlaýn görnüşinde täze bank kartlaryny açmak, bir kartdan beýleki bir karta pul serişdelerini geçirmek ýaly ugurlarda çykyşlar diňlenildir.

Bank ulgamynyň hünärmenleriniň gatnaşmagynda geçirilen okuw maslahatlary mugallymlaryň we talyplaryň gyzyklanýan soraglaryna berilen jogaplar bilen jemlendi.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# BANK ULGAMYNYŇ IŞGÄRLERINIŇ ARASYNDA «BARYMYZY ŞÄRIK EDÝÄR ÄGIRT ŞÖHRAT-ŞANYNA, PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY» ATLY ZEHIN BÄSLEŞIGINIŇ BIRINJI TAPGYRY GEÇIRILDI

2024-nji ýylyň maý aýynyň dowamynda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzyň welaýatlarynda hem-de Arkadag şäherinde zähmet çekýän bank ulgamynyň işgärleriniň arasynda «Barymyzy şärik edýär ägirt şöhrat şanyna, Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly zehin bäsleşiginiň birinji tapgyry geçirildi. Geçirilen bäsleşikleriň maksady bank işgärleriniň hünär taýdan taýýarlyklaryny, akyl başarnyklaryny ýokarlandyrmak hem-de zehinlileri öňe çykarmak we höweslendirmek bolup durýar.

2024-nji ýylyň 20-nji maýynda Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankynyň edara binasynda Arkadag şäheriniň bank işgärleriniň arasynda geçirilen bäsleşikde Arkadag şäheriniň Merkezi banky 1-nji orna, Arkadag şäheriniň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky 2-nji orna we Arkadag şäheriniň «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky 3-nji orna mynasyp boldy.

2024-nji ýylyň 22-nji maýynda Mary welaýatynda zähmet çekýän bank işgärleri üçin bäsleşik «Mary» myhmanhanasynyň mejlisler jaýynda geçirildi. Bäsleşigiň başynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Mary welaýat şahamçasynyň gurnamagynda karz edaralary tarapyndan berlen karz serişdeleriniň hasabyna welaýatyň çäginde önümçilik işini alyp barýan telekeçileriň önümleriniň we hyzmatlarynyň sergisine syn edildi. Serginiň çäginde halkyň sarp edýän giň görnüşli harytlarynyň öndürilişini artdyrmakda hususy ulgamyň mümkinçilikleri barada gürrüň berildi.





Hakykatdan hem, ýurdumyzyň telekeçileri daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan we eksport edilýän önümleriň önümçiliklerini barha işjeň ýola goýýarlar. Telekeçiler bazaryň täze ugurlaryny hem-de obasenagat toplumynyň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlandyrylmagyny gazanmaga, ilatyň ekologik taýdan arassa azyk önümlerine islegini kanagat-





landyrmaga mümkinçilik berýän önümçilik tehnologiýalaryny ynamly özleşdirmegi dowam edýärler.

Mary welaýatynyň bank işgärleri üçin geçirilen bäsleşikde Türkmenistanyň «Türkmenbaşy»





paýdarlar täjirçilik bankynyň şahamçasy 1-nji orna, Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň şahamçasy 2-nji orna hem-de Türkmenistanyň Merkezi bankynyň şahamçasy 3-nji orna mynasyp boldy.

Bäsleşigiň dowamynda welaýatyň tanymal sazandalarynyň akyldar şahyryň goşgularyna döredilen aýdymlary ýerine ýetirmekleri ýygnananlarda ýakymly täsir galdyrdy.






2024-nji ýylyň 24-nji maýynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Lebap welaýat şahamçasynyň edara binasynda welaýatyň bank işgärleriniň arasynda geçirilen bäsleşikde Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik bankynyň şahamçasy 1-nji orna, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Lebap welaýat şahamçasy 2-nji orna hem-de Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň şahamçasy 3-nji orna mynasyp boldy.

TMB-niň Lebap welaýat şahamçasynyň edara binasynda geçirilen zehin bäsleşiginiň çäginde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň «Türkmenaltyn» zawodynyň önümleriniň sergi burçuna syn edildi hem-de zergärçilik işi bilen meşgullanan akyldar şahyryň ömri-döredijiligi barada giňişleýin gürrüň berildi.

2024-nji ýylyň 27-nji maýynda «Aýly güzer» toý mekanynda Ahal welaýatynyň bank işgärleriniň arasynda geçirilen zehin bäsleşiginde Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň şahamçasy 1-nji orna, Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň





Ak bugdaý şahamçasy 2-nji orna, hem-de Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik bankynyň şahamçasy 3-nji orna mynasyp boldy. Bäsleşigiň dowamynda tanymal aýdymçylar tarapyndan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň goşgularyna döredilen aýdym-saz sahnalarynyň ýerine ýetirilmegi ýygnananlarda ýakymly täsir galdyrdy.

2024-nji ýylyň 28-nji maýynda Balkan welaýatynyň bank işgärleri üçin zehin bäsleşigi Awaza milli syýahatçylyk zolagyndaky «Tolkun» kottejler toplumynyň Yaht klubynyň mejlisler zalynda geçirildi. Bäsleşigininiň başynda Balkan welaýatynda doglan akyldar şahyryň ömri-döredijiligine we kitaplaryna bagyşlanan sergi burçuna syn edildi. Oňa gatnaşanlar akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň türkmen halkynyň durmuş mekdebi hökmünde ýurduň özygtyýarlygy we gülläp ösüşi, döwleti dolandyrmagyň kadalary, ylym-bilimi goldamak, rehimlilik, hormat









goýmak, jomartlyk, parahatçylyk söýüjilik, myhmansöýerlik, bitewilik baradaky nesihat beriji goşgulary barada aýratyn bellenildi.

Çekeleşikli geçen bäsleşikde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Balkan welaýat şahamçasy 1-nji orna, Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik bankynyň şahamçasy 2-nji orna hem-de Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň şahamçasy 3-nji





orna eýe boldy.

2024-nji ýylyň 30-njy maýynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Daşoguz welaýat şa-

hamçasynyň edara binasynda welaýatyň bank işgärleriniň arasynda geçirilen zehin bäsleşiginde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Daşoguz welaýat şahamçasy 1-nji orna, Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik bankynyň şahamçasy 2-nji orna hem-de Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň şahamçasy 3-nji orna mynasyp boldy. Bäsleşigiň soňunda Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik bankynyň Daşoguz şäher şahamçasynyň hünärmeni Enegül Maýjanowanyň ene waspy barada ýazan goşgularyny aýdyp ber-





megi gatnaşyjylarda ýakymly täsir galdyrdy.

2024-nji ýylyň maý aýynyň dowamynda Arkadag şäherinde we welaýatlarda geçirilen bäsleşiklerde öňdebaryjy orunlara eýe bolan banklara (toparlara), şeýle hem aýratyn tapawutlanan işgärlere bäsleşigiň gymmatbahaly sowgatlary gowşuryldy.

Geçirilen bäsleşiklerde 1-nji orna mynasyp bolan toparlar 2024-nji ýylyň 20-nji iýunynda paýtagtymyz Aşgabatda geçiriljek zehin bäsleşigininiň jemleýji tapgyrynda öz aralarynda öňdebaryjy orunlar üçin bäsleşerler.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# SELJERIŞ MAKALALARY

## MILLI YKDYSADYÝETIŇ BÄSDEŞLIGE UKYPLYLYGYNY ÝOKARLANDYRMAKDA MALIÝE BAZARYNYŇ ORNY

Dünýä ykdysadyýetiniň yzygiderli üýtgäp durmagy islendik ýurduň durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösüşini üpjün etmegiň döwrebap modeliniň işlenip taýýarlanylmagyny şertlendirýär. Şundan ugur alyp, döwletimiz halkara derejeli oňyn usullara salgylanyp, milli bazar nusgasyny döretdi. Bazar şertlerinde bu nusga raýatlaryň abadan ýaşaýşyny ykdysady ösüş bilen utgaşykly äkitmegi möhüm wezipe hökmünde kesgitleýän durmuş-ykdysady syýasatyny düzýär. Çünki jemi içerki önümiň, ilatyň jan başyna düşýän möçberiniň ösüş depgininiň durnukly bolmagy, bir öý hojalygyna düşýän pul girdejileriniň möçberiniň artmagy, durmuş ulgamynyň Döwlet býujetiniň çykdajylar bölegindäki paýynyň ýokary derejede saklanmagy makroykdysady görkezijileriň yzygiderli ösüşini üpjün edýär. Şunda strategik maksatnamalar düzülip, iş ýüzünde amala aşyrylmalydyr. Bu babatda, «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» hem-de «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynda» kesgitlenen wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek maksady bilen, ýurdumyzy 2024-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynyň kabul edilendigini bellemek bolar. Şeýle maksatlardan ugur alyp, ykdysadyýetiň pudaklarynda täze önümçilikleri döretmek, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan hem-de eksport ugurly önümleri artdyrmak, birža söwdalaryny ýokary derejede geçirmek we olardan gelýän girdejileriň möçberini artmak, bu ugurda sanly ulgamy ornaşdyrmaga gönükdirilen maksatnamalaýyn işleriň depginini çaltlandyrmak, harytlaryň taýýarlanylyşyny, ýerlenilişini sanlylaşdyrmak işleri güýçlendirilýär.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda döwletimizde yzygiderli amala aşyrylýan şeýle düzümleýin ykdysady özgertmeler ägirt uly maliýe serişdeleriniň jemlenmegini talap edýär. Hut şu nukdaýnazardan hem, bazar özgertmelerini guramak hem-de maliýe taýdan goldamak işleri döwlet tarapyndan amala aşyrylýar. Şunda toplanan süýşürintgileriň esasynda durnukly ykdysady ösüşi şertlendirýän maliýe bazarynyň döredilmegi maksadalaýykdyr. Ýeri gelende, döwlet tarapyndan maliýe bazarynyň kadalaşdyrylmagynyň ýurduň ykdysady ösüşiniň kämilliginiň wajyp görkezijileriniň hataryndadygyny hem bellemek gerek.

Häzirki döwürde ykdysadyýetiň ösüş tapgyrynda kärhanalardyr hususy işewürler, şol bir hatarda raýatlar alýan girdejilerini diňe bir harytdyr hyzmatlary satyn almaga, ýagny sarp edişe harçlamazdan, eýsem olaryň toplanmagyna, şeýle-de agramly böleginiň gymmatynyň ýokarlanmagyna, girdeji çeşmeleriniň artmagyna aýratyn höwes bildirýärler. Çünki wagtlaýyn boş duran süýşürintgiler karz edaralary ýa-da banklar tarapyndan belli bir döwür aralygynda depozit, ýagny goýum görnüşinde peýdalanylsa, pul serişdeleriniň aýlanşyga goýberilip haýsyda bolsa bir amalyň ýerine ýetirilmegi, raýatlaryň hem-de hususy ulgamyň subýektleriniň girdejileriniň ýokarlanmagy gazanylýar. Hawa, döwletimiz maksatnamalaýyn ösüşleriň çäklerinde ilatyň süýşürintgilerini maýalaýyn maksat bilen ulanmak üçin hereket edýän täjirçilik banklaryna pul serişdelerini maýa goýum hökmünde ýerleşdirýärler. Munuň gapma-garşylykly ýagdaýy ýüze çykanda, hususy kärhanalardyr işewürler, has takygy maýadarlar üçin maliýe bazarynda gymmatly kagyzlary ýerleşdirmek arkaly hem

kärhananyň durnukly maliýe ýagdaýyny üpjün edip, ykdysady ösüş gazanmaga mümkinçilik alýarlar. Bu bolsa maliýe bazarynyň alternatiw maýalaýyn ugry hökmünde çykyş edýär. Şunda emele gelýän bazar mümkinçiliklerine laýyklykda amallara gatnaşyjylar degişli iki maýa goýum usullarynyň artykmaçlyklarydyr ýetmezçiliklerini öwrenmek bilen şahsy süýşürintgilerini haýsy ugurda ulanjagy barada özbaşdak çözgüdi kabul edýär.

Hususan-da, maliýe bazarlaryna gatnaşyjylaryň arasynda maliýe dellalçylyk hyzmatlarydyr işlerini maliýe institutlary ýerine ýetirýär. Maliýe institutlarynyň döredilmedik ýerlerinde, şeýle amallar täjirçilik banklary tarapyndan hem amala aşyrylyp bilinýär. Bu bolsa hususy kärhanalaryň, işewürleriň, hem-de raýatlaryň wagtlaýyn boş duran maliýe serişdeleriniň bir ýere jemlenmegine we olaryň maýalaýyn häsiýetde hakyky gurşawa, ykdysadyýetiň pudaklaryna ugrukdyrylmagyna ýardam edýär.

Mahlasy maliýe bazary gapma-garşy islegleriň hem-de bazar subýektleriniň arasynda pul serişdeleriniň hereketini ýeňilleşdirýär we tizleşdirýär. Munuň özi, bazar ykdysadyýeti şertlerinde dellallaýyn maliýe bazarynyň üsti bilen ykdysadyýetiň pudaklarynyň gyradeň we düzümleýin ösmegine mümkinçilik açýar. Şunda maliýe bazarynyň bir gurşawyndan beýleki gurşawyna kapitalyň, pul serişdeleriniň akyp geçmek hadysady bolup geçýär. Ol öz gezeginde ýurtda maliýe durnuklylygynyň üpjün edilmegini, makroykdysady görkezijileriň ösüşini we beýleki ýaramaz ykdysady täsirleriň peselmegini şertlendirýär.

Ýurduň maliýe bazarynyň ygtybarly işlemegi hümmetsizlenmäniň peselmegine, milli walýutanyň hümmetiniň berkemegine, ykdysadyýete içerki we daşarky maýalaryň çekilmegine hem-de onuň dowamly häsiýete eýe bolmagyna ýardam edýär. Hat-da kä ýagdaýlarda hut döwlet hem zerur maliýe serişdelerine görä, ykdysady öňegidişligi gazanmak üçin bergi borçnamalaryny (obligasiýalary) maliýe bazarlarynyň we birža söwdalarynyň üsti bilen ýerleşdirip, ýüze çykýan kynçylyklary aradan aýyrmaga, Döwlet býujetiniň ýetmezçiligini maliýeleşdirmäge, milli walýutanyň hümmetiniň durnukly saklanylmagyny üpjün etmäge täze usulyň ýüze çykarylmagyny gazanýar.

Indi önüm öndürijilerdir işewürler maksatly maýalaýyn usula, maliýe bazaryna we goşmaça maliýe serişdelerine mätäçlik çekýärler. Sebäbi diňe önümçilige täze tehnologiýalaryň we innowasiýalaryň ornaşdyrylmagy netijesinde bäsdeşlik göreşinde bazarlarda öz ornuny saklap bilýär. Kärhana üçin täze tehnikany satyn almakda serişde üpjünçiligi bolup ilki bilen içerki maliýeleşdirme çeşmeler çykyş edýärler, tersine ýetmezçilik eden ýagdaýynda bolsa kärhanalar daşarky serişdelere, ýagny bank karzlaryna ýa-da gymmatly kagyzlary goýbermek bilen süýşürintgileri çekmeklige ýüzlenmeli bolýar.

Gymmatly kagyz – bu maliýe bazarynyň düzüminde möhüm orny eýeleýän aýratyn häsiýetli harytdyr.

Bu günki gün Diýarymyzyň maliýe bazary «Gymmatly kagyzlar bazary hakyndaky», «Paýdarlar jemgyýetleri hakyndaky», «Maýa goýum işi hakyndaky», «Daşary ýurt maýa goýumlary hakyndaky»Türkmenistanyň kanunlaryna we beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalaryna laýyklykda düzgünleşdirilýär. Şeýle hem, ygtyýarlandyrylan guramalar tarapyndan gymmatly kagyzlaryň goýberilişiniňdir aýlanyşygynyň jikme-jik şertlerini, bazaryň düzümine girýän guramalaryň işleýiş we amallary geçiriş, guramaçylyk, gözegçilik işleriniň düzgünlerini kesgitleýän düzgünnamadyr tertipnamalar işlenip taýýarlanylýar we yzygider kämilleşdirilip durulýar. Bu bolsa ýurdumyzyň milli maliýe bazarynyň kem-kemden dünýä maliýe bazaryna goşulyşmagy bilen milli önüm öndürijilerimiziň gymmatly kagyzlarynyň dürli görnüşli söwdalarda satylmagyna ýardam berýär.

Halkara tejribesine laýyklykda, ösen ýurtlarda maliýe bazary hususy taraplaryň süýşürintgilerine esaslanýar. Bu soňky ýyllarda biziň döwletimize hem mahsus häsiýete öwrülip barýar. Çünki durmuş derejeleriň ösmegi, amatly durmuş-ykdysady we maliýe syýasaty netijesinde ýurdumyzda günsaýyn ilatyň süýşürintgileriniň möçberiniň ösüş derejesi duýýulýar.

Milli kanunçylykda maýadarlaryň hukuklarynyň goralmagynyň üpjün edilmegi we olara degişli ýeňillikleriň, ynam kepillikleriniň berilmegi ýurdumyzyň geljekki durnukly ykdysady ösüşinden habar berýär. Çünki ilatdan we hususy ulgamyň subýektlerinden süýşürintgileriň howpsuz toplanmagy, olaryň gymmatynyň saklanmagy we öz ýurdumyzda maksadalaýyk ulanmagy üçin amatly şertleriň döredilmegi döwletiň esasy wezipeleriniň hatarynda seredilýär. Şeýle-de, maýadarlar hereket edýän banklarda gysga we uzak möhletleýin şahsy hasaplaryna süýşürintgileri goýmak boýunça oňyn tejribe topladylar. Bu bolsa ilatyň hem-da işewürleriň boş duran pul serişdelerini ulanmaklaryna, girdeji çeşmelerini artdyrmaklaryna goldaw boldy.

Pursatdan peýdalanyp ýurtda durnukly ykdysady ösüşi gazanmakda, ilatyň süýşürintgilerini peýdalanyp girdejilerini ýokarlandyryp maliýe bazarynyň ösüşini üpjün etmekde, banklaryň işlerini döwrebaplaşdyrmakda çäksiz mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlangyçlary hemişe rowaç bolsun.

**Selbi HOJAKOWA,**
Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» paýdarlar
täjirçilik bankynyň Daşoguz welaýat şahamçasynyň
Işgärler bilen işlemek boýunça baş hünärmeni

# GYMMATLY KAGYZLAR BAZARYNY ÖSDÜRMEKDE BANKLARYŇ ORNY

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» ýurdumyzda maýa goýum işjeňligini artdyrmak we olaryň ykdysady netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça degişli işler durmuşa geçirilýär. Maýa goýum işjeňligini gazanmakda gymmatly kagyzlar bazarynyň we gazna biržasynyň işi işjeňleşdirilýär.

Milli ykdysadyýetimiziň dürli ugurlaryna iri maýa goýumlary çekmek hem-de gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmek boýunça giň gerimli işler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Türkmenistanyň «Gymmatly kagyzlar bazary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny fiziki we ýuridik şahslaryň gymmatly kagyzlaryň emissiýasy we dolanyşygy bilen baglanyşykly gatnaşyklarynyň kadalaryny özünde jemleýär. Paýnamalaryň we obligasiýalaryň çykarylmagy arkaly gymmatly kagyzlar bazarynyň emele gelmegi haryt önümçiliginiň giňeldilmegine oňaýly täsir edýär.

Gymmatly kagyzlar bazarynyň ösdürilmegini gazanmak maksady bilen döredilen «Aşgabat gazna biržasy» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti gazna biržasynyň işiniň halkara tejribäniň talaplaryna laýyklykda guralmagyny üpjün edýär we onda döwlete dahylly gymmatly kagyzlaryň ýerlenilmegine hem-de hususy taraplaryň hem paýnamalaryny dolanyşyga çekmegiň ýola goýulmagyna ýardam berýär.

«Gymmatly kagyzlar bazary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda bellenilişi ýaly, esasy gymmatly kagyzlara şu aşakdakylar degişli bolup bolýar:

1) paýnamalar;
2) obligasiýalar;
3) geçirilýän wekseller;
4) geçirilýän bank depozit sertifikatlary;
5) gymmatly kagyzlaryň bazarynda aýlanýan, gymmatly kagyzlardan döredilýän kagyzlar.

Gymmatly kagyzlaryň dolanyşygy gazna biržasynda amala aşyrylýar. Ýurdumyzyň gymmatly kagyzlar bazary döwlet ykdysadyýetiniň we pul dolanyşygynyň aýrylmaz bölegidir.

Bank ulgamyny ösdürmegiň maksatnamalaryndan ugur almak bilen täjirçilik banklarynyň paýdarlar görnüşine öwrülmegi, olaryň gymmatly kagyzlar bazaryndaky goýum, karz we hasaplaşyk amallary boýunça işjeňligi artýar. Ýurdumyzda işewürligi ösdürmekde bank ulgamynyň orny ýokary bolup, ilki bilen onuň durnukly we sazlaşykly işlemegine we maliýe syýasatynyň okgunly berjaý edilmegine bagly bolýar. Maliýe bazarynyň düzümleriniň doly kemala getirilmegi bilen, täjirçilik banklarynyň wezipeleri ýokary derejede artýar.

Gymmatly kagyzlar bazarynda täjirçilik banklarynyň wezipeleri gymmatly kagyzlaryň aýlanşygyny talabalaýyk guramak arkaly, olaryň eýelerini likwidli gymmatly kagyzlar bilen üpjün etmekden ybaratdyr. Ýagny, bu paýnamalaryň ikilenç bazardaky gymmaty boýunça olaryň soňky eýelerine paýdarlar jemgyýetleri öz Tertipnamasyna laýyklykda diwidentleri we göterimleri töleýär.

Gymmatly kagyzlaryň bazarynda banklar maýa goýum institutlary hökmünde çykyş edip we şu aşakdaky işleri amala aşyryp bilýärler:

1. Gymmatly kagyzlar satylanda, satyn alynanda araçy hökmünde hereket edip bilýär, ýagny maliýe brokeri hökmünde çykyş edip bilýär.

2. Maýa goýum instituty hökmünde işleri ýerine ýetirip bilýär.

3. Gymmatly kagyzlary dolanyşyga goýbermegi gurnaýar.

4. Üçinji tarapyň haýryna gymmatly kagyzlary ýerleşdirmek boýunça kepilligi üpjün edip bilýär.

5. Gymmatly kagyzlara pul serişdeleri goýmagy amala aşyrýar.

6. Öz adyndan öz hasabyna gymmatly kagyzlary satmagy, satyn almagy amala aşyrýar.

Geljekde ýurdumyzda banklaryň guramaçylyk-hukuk gurluşy tapgyrlaýyn esaslarda üýtgedilip, olaryň paýdarlar bankyna öwrülmegi, täze bank däl karz edaralarynyň döredilmegi we gazna bazarlarynyň işiniň kämilleşdirilmegi bilen, adaty däl amallaryň gerimini giňeltmekde dünýäniň ösen ýurtlarynyň banklarynyň iş tejribeleri öwrenilip, olary ýurdumyzyň banklarynda ornaşdyrmaga aýratyn ähmiýet berler.

Şeýle beýik işleriň sakasynda duran Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun. Ýurdumyzyň milli ykdysadyýetini halkara derejelere çykarmakda, bank ulgamynyň ygtybarlygyny ýokarlandyrmakda, täze iş orunlaryny döretmekde, hususy taraplaryň ykdysadýetimiziň düzüminde tutýan paýyny artdyrmakda alyp barýan işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn.

**Mähri AŞYROWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Buhgalter
hasaby we hasabatlar müdirliginiň esasy hünärmeni

**Meret MEREDOW,**
Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy

## SELJERIŞ MAKALALARY

# MILLI YKDYSADYÝETIMIZ ÖSÜŞ ÝOLUNDA

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň asylly başlangyçlaryny durmuşa geçirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly we öňdengörüjilikli baştutanlygynda döwletimiziň içeri we daşary syýasaty ösüşiň täze netijelerine eýe bolýar. Elbetde, häzirki wagtda Berkarar döwletimiz oňyn Bitaraplyk hem-de parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasy ugruny durmuşa geçirmek bilen, abraýly sebit we halkara guramalaryň çäklerinde dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk, özara bähbitlilik ýörelgelerine esaslanýan hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýär.

Hormatly Prezidentimiz oňyn Bitaraplyk syýasaty netijesinde daşary döwletler bilen hoşniýetli, ynsanperwer gatnaşyklary ýola goýýar. Bu bolsa döwletimiziň milli ykdysadyýetiniň ösmegine oňyn täsirini ýetirýär. Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!» Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr!, Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ynsanperwer ýörelgeleri döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň birine öwrülip, raýatlarymyzyň durmuş şertlerine gönükdirlendir. Bu bolsa ýurdumyzda üstünlikli durmuşa geçirilýän ýokary netijeli durmuş ugruna gönükdirilen ykdysady syýasat türkmen döwletiniň ösüşlerini, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini täze derejelere çykmagyna mümkinçilik berýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ähli ykdysady pudaklar bilen bir hatarda ýurdumyzyň bank ulgamyny diwersifikasiýalaşdyryp ösdürmek we döwrebaplaşdyrmak wezipesinden ugur alyp, ulgama sanly ykdysadyýeti giňden ornaşdyrmak, ilata hödürlenilýän sanly bank önümleriniň gerimini giňeltmek hem-de hilini ýokarlandyrmak boýunça netijeli çäreler amala aşyrylýar.

«Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda, ýurdumyzda netijeli pul - karz syýasatyny alyp barmak, maliýe bazaryny düýpli ösdürmek, bank ulgamyna sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak, pul dolanyşygynyň ýagdaýyna täsir etmek arkaly bazar isleglerini kanagatlandyrmak we beýlekiler babatda anyk wezipeler durmuşa geçirilýär. Konsepsiýa laýyklykda öňde goýlan wezipeler maglumat-aragatnaşyk, şol sanda internet hyzmatlarynyň hiliniň we ygtybarlylygynyň ýokarlandyrylmagyny, maglumat üpjünçilik ulgamynyň ösdürilmegini, adamyň aň-bilim mümkinçilikleriniň doly derejede ulanylmagyny talap edýär.

Ösen tehnologiýalary peýdalanmak bilen, internetde ykjam enjamlary hemişe ulanýan adamlaryň gündelik durmuşy bilen ýakyndan baglanyşykly işlemekleri häzirki zaman sanly banklaryň tapawutly aýratynlygyny düzýär. Internetiň örän ýokary çalt ýaýramagy, maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň, öýjükli ulgamyň ösmegi jemgyýetde we ykdysadyýetde hil taýdan birnäçe üýtgeşmeler bolup geçdi. Sanly tehnologiýalar aýry böleklerden ybarat bolup, maglumat bermek hem-de kodlaşdyrmak usullaryna esaslanýar, şeýle hem gysga wagtyň içinde köpsanly dürli görnüşli mysallary amala aşyrmaga mümkinçilik berýär.

Bu kämil ulgamyň durmuşa ornaşdyrylmagy bilen döwleti, halk hojalygymyzyň önümçiligini dolandyrmakda, beýleki ulgamlarda has netijeli ösüşleri gazanmakda täze mümkinçilikler peýda boldy. Bu kämil ulgamyň ösdürilmegi beýleki ugurlar bilen birlikde, ylym-bilim ulgamynyň işini döwrebaplaşdyrmakda uly ähmiýete eýe boldy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Watanymyzyň hemmetaraplaýyn ösdürilmegine, halkymyzyň abadançylygynyň yzygiderli ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen giň möçberli işler durmuşa geçirilýär. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdymyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-yk-

dysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny» we beýleki milli maksatnamalary ýerine ýetirmegiň çäklerinde birnäçe möhüm işler ýerine ýetirilýär.

Tehnologik we sanly özgertmeler bütin dünýäde bolşy ýaly, biziň ýurdumyzyň ykdysadyýetine, şol sanda bilim ulgamyna hem düýpli täsirini ýetirýär.

Ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek bilen bagly işler maksatnamalaýyn esasda alnyp barylýar. Hormatly Prezidentimiz öňdebaryjy inžener-tehniki çözgütleri işläp taýýarlamak bilen bagly işiň hukuk esasyny üpjün etmekde, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen özgertmeleriň kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny berkitmekde uly tagallalar edýär. Ýurdumyzda 2019 – 2025-nji ýyllar aralygynda sanly ykdysadyýeti ösdürmek bilen baglanyşykly kabul edilen we üstünlikli durmuşa geçirilýän Konsepsiýa ähli pudaklary tehnologik taýdan özgertmegiň we olary döwlet tarapyndan dolandyrmagyň, ata Watanymyzyň ägirt uly serişdeler we önümçilik kuwwatynyň esasynda ykdysady bilimleri kemala getirmegiň özboluşly dabaralanmasydyr. Döwlet Baştutanymyz milli ykdysadyýetimiziň ähli ugurlary boýunça degişli hünärmenleri taýýarlamak, ýokary bilim ulgamyny döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirmek babatda uly işler yzygiderli durmuşa geçirilýär.

Ylmyň, tehnikanyň, ýurdumyzyň sanly ykdysadyýetiniň batly gadamlar bilen ösdürilmegi häzirki döwürde ylmyň, tehnologiýanyň we önümçiligiň biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşyklylygyna, bir bitewilige öwrülýändigine şaýatlyk edýär. Ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynyň işini netijeli ýola goýmakda döwletimiziň milli ykdysadyýetini ösdürmekde ähli mümkiçilikleri we şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli tutumly işleri rowaç bolsun!

**Şirmuhammet NURMUHAMMEDOW,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Mary welaýat şahamçasynyň
Bank gözegçiligi bölüminiň baş hünärmeni

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

# Тенденции развития банковской системы Туркменистана

**2024-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июня 2024 г.




**2024-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июня 2024 г.




**2024-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**

Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 июня 2024 года




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**

Структура активов кредитных учреждений, (в %)



№5
2024
TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKY
Центральный банк Туркменистана

## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)

Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)




## 2024-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 июня 2024 г.




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)




## 2024-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)

Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 июня 2024 года (указатели округлены)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
## Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана

| **GÖRKEZIJILER**<br>ПОКАЗАТЕЛИ | ölçeg birligi<br>ед. измер. | 01.06.2023 | 01.01.2024 | 01.06.2024 | 01.06.2024<br>01.01.2024-e,<br>%-de | 01.06.2024<br>01.06.2023-e,<br>%-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения | sany / ед. | **10** | **11** | **11** | *100,0* | *110,0* |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие | sany / ед. | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие | sany / ед. | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - «Türkmen maýa goýum kompaniýasy»<br>- «Туркменская инвестиционная компания» | sany / ед. | | 1 | 1 | *100,0* | |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений | sany / ед. | **151** | **150** | **150** | *100,0* | *99,3* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями | sany / ед. | | **7 046 129** | | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений | sany / ед. | | **8 391,8** | | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений | mln manat<br>млн манат | **6 939,1** | **7 167,8** | **7 227,5** | *100,8* | *104,2* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **13 419,66** | **17 876,07** | **17 739,59** | *99,2* | *132,2* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению | mln manat<br>млн манат | **90 138,80** | **89 102,20** | **89 328,53** | *100,3* | *99,1* |
